***Ösüş-özgertmelere beslenen döwrümizde ýokary ahlakly, bilimli, sagdyn ruhly, watansöýüji nesli kemala getirmek boýunça buýsanja mynasyp işler durmuşa geçirilýär, ýaşlar hakda uly alada edilýär. «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşiniň kabul edilmegi, şonuň çäginde «Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» we ony durmuşa geçirmek boýunça çäreleriň meýilnamasynyň tassyklanylmagy hem ýaşlar hakdaky aladalaryň güwäsidir.***

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň VII gurultaýynda eden çuň manyly çykyşynda: «Ýaşlar guramasy Watana wepaly nesilleri terbiýelemekde we jebisleşdirmekde, olaryň güýç-kuwwatyny, aň-düşünjesini Garaşsyz ýurdumyzy ösdürmäge gönükdirmekde öz borjuny üstünlikli ýerine ýetirip gelýär» diýip, alnyp barylýan işlere ýokary baha berdi.

Häzirki wagtda berkarar Watanymyzyň ykdysady, syýasy we medeni durmuşyna ýaşlaryň işjeň gatnaşmagyny üpjün etmekde, ýaş nesli watançylyk, ynsanperwerlik we zähmetsöýerlik ruhunda terbiýelemek üçin amatly hukuk şertlerini döretmekde, Watanymyza hem-de taryhymyza bolan buýsanjyny artdyrmakda bu ugurda alnyp barylýan işleriň ähmiýeti uludyr. «Ýaşlar — Watanymyzyň daýanjy» diýip belleýän Arkadagly Gahryman Serdarymyz her bir pursatda ýaşlaryň kämil bilimli, hünärli adamlar bolmagynda uly alada edýär.

Türkmen ýaşlary jemgyýetiň ähli gurşawynda bolup geçýän özgerişleri, täzelikleri durmuşa geçirmäge we ösdürmäge ukyplydyrlar. Ýaşlar döwletiň işjeň we örän wajyp güýjüdir, olaryň islegleri, gymmatlyklary, garaýyşlary geljegiň binýadydyr. Ýurdumyzy gülledip ösdürmek babatda ägirt uly işleri amala aşyrýan, ýaş nesle uly ynam bildirýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, beýik işleri elmydama rowaç bolsun!

**Göwher MÖWLÝAMOWA,**
**TMÝG-niň Lebap welaýatynyň Köýtendag etrap Geňeşiniň esasy hünärmeni.**

Все права защищены